***Türkmenistan döwletimiz oňyn Bitaraplyk syýasatyna esaslanyp, Ýer ýüzünde parahatçylygyň, asudalygyň hem-de abadançylygyň berkidilmegi ugrunda dünýäniň ençeme döwletleridir halkara guramalar bilen dostlukly gatnaşyklary alyp barýar. Şoňa görä-de, hemişelik Bitarap Watanymyzda umumadamzat ähmiýetli iri halkara forumlardyr maslahatlar yzygiderli geçirilýär. Şunda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip atlandyrylan şu ýylymyzyň awgustynda Hazaryň türkmen kenarynda Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatynyň geçirilmegi aýratyn bellärliklidir.***

2025-nji ýylyň 11-nji aprelinde BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 63-nji plenar mejlisinde «BMG-niň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan  döwletler boýunça üçünji maslahatyny geçirmegiň tertibine goşmaça maglumat» atly Kararnamanyň kabul edilip, oňa laýyklykda, bu halkara maslahatyň şu ýylyň awgustynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilmegi maksadalaýykdyr. Maslahata deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň hataryna girýän ýurtlaryň 32-siniň döwlet we hökümet Baştutanlarynyň, kiçi ada döwletleriniň 47-siniň, az ösen ýurtlaryň 49-synyň ýokary derejeli wekiliýetleriniň, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň we onuň orunbasarlarynyň, birnäçe halkara guramalarynyň, maliýe institutlarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, hususy pudagyň ýolbaşçylarynyň we wekilleriniň  gatnaşmagyna garaşylýar.

Häzirki wagtda bu iri maslahata ýokary derejede taýýarlyk görülýär. Şunuň bilen baglylykda, maslahata gatnaşyjylary türkmen myhmansöýerliginiň asylly däplerine laýyklykda garşylamak, çäreleri ýokary guramaçylykly geçirmäge ýardam bermek, şeýle-de bu iri halkara maslahaty köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde şöhlelendirmek maksady bilen, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň birnäçesinden daşary ýurt dillerini kämil bilýän ýaş meýletinçiler hem-de ýaş wagyzçylar taýýarlanyldy.

**Meret MEREDOW,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň**
**Halkara gatnaşyklary institutynyň**
**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 28.01.2026